# Öwlüýä sygmadyk öli / bolan waka

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Öwlüýä sygmadyk öli / bolan waka ÖWLÜÝÄ SYGMADYK ÖLI

Obamyzda galamdyr kagyz bilen bagry badaşan bir kişi bardy. Açlyga kaýyldy, ýazmasa welin, güni ötmezdi. Içi töhmetden doly galyň-galyj bukjalary çar tarapa ýollar oturardy. Ugradan bukjasam yzyna bir topar «myhman» tirkäp gelerdi. Barlardylar, derňärdiler. Derek bolmazdy. Emma ýakasy gaýyşly ýazuwçy welin, gepiniň ýalan çykanyna müýnürgemezdi. Gaýtam «Siz ýüz gördüňiz, gapyrga syrdyňyz…» diýip, ýazyksyz derňewçileriň öz ýakasyndan ilerdi. Şonuň üçin oba adamlaram «Ýamandan boýuňy satyn al» diýip, bu haýýar töhmetçiden gaça durardylar. «Palinden tapsyn!» diýerdiler. Emma bu ýüzi galyň, haýasy ýuwka kişi geçirimli iliň bu eglişigini özüniň ýeňşi hasaplardy.
Il parhlydy. Ýöne sabyr käsesiniňem öz erňegi bar ahyry. Obada işiň-güýjüň böwşeňleşen pursady oba adamlary uly iliň şärikli gonamçylygyny arassalamaga ýowara çykdy. Bu pursady kagyza geçirmäge-de howlugan çemeçi gidip, gepiniň diňlenäýjek ýerinden yzyna adam tirkäp geldi. Edilýän işiň kesekä, il emlägine hiç hili zeperi bolmansoň, gelen «myhmanam» yrsarap durmady. Emma halys degnasyna deglen ilat zandyýaman töhmetçiniň bu gezekki etmişini bagyşlamady. Ýowaryň ahyrynda petekesine ak tüý basan peşeneli goja mähellä ýüzlendi: «Adamlar, şu päliýamany öläýse-de, şu gonamçylykda berin jaýlamalyň!»
Gojaň teklibini uly il makullady…
Töhmetçi öldi. Merhumyň garyndaşlary näçe pelesaň ursa-da, oba ýaşulusynyň pendi merhumyň mertebesinden belent tutuldy. Ony görene göz edip, uly gonamçylygyň hol bir çetinde jaýladylar. Diri güni ile sygmadyk ölen günem öwlüýä sygmady.

Işanguly GULJAÝEW.

«Tokmak» žurnaly, ýanwar 1989 ý. Satiriki hekaýalar